# Rubaga meñzedilen bentler

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Rubaga meñzedilen bentler RUBAGA MEÑZEDILEN BENTLER

Milliligiň genji, türkmen dutary,
Aýdymly dolandy, ýene il sary.
Ýitmek hesretiniň öňüni alyp,
Arkadag boldy oň çyn howandary.

***

Kanun bozulmalar- durmuşyň ýowy,
Ýüp üzülgeç bolar ýetmese towy.
Asuda ýurdyňy bir kel kelleli,
Pöwhe şa “üýtgedip gurmasa” gowy.

***

Gadryn bilip, bilimiň siz, diliň siz,
Ýene-de bir zady belläň, biliň, siz.
Okap-ýazýan elipbiýiň çalşylsa,
Ne-hä bilimlisiň, ne-de bilimsiz.

***

Çadyr gurup iliň ýolun bekletdi,
Köçede toý tutdy, şowhun döretdi.
Ýüzläp myhmanynyň göwnüni gözläp,
Müňläp ýolagçyny ýoldan güm etdi.

***

Belli däl, prozamy ýa poeziýa,
Kä ýerinde bar diýmeseň kapiýa.
Ak goşgy diýleni- gizlin, kadasyz,
Alameýdandaky göreşmikä, ýa?!

2021 ý. Goşgular